# Soñky söz

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Soñky söz Çary ÝEGENMYRADOW

▶ SOÑKY SÖZ

Bu höwes erkime goýmady meni,
Indi men şoña-da ýetmäge taýyn.
Bagta tarap barýan iñ soñky ýoly,
Tapdym 17-nji gününde maýyñ.

Bu gün bir üýtgeşik gün boldy, gökde
Bulutlar meñzeýär bölegne kamsyñ.
Ol meniñ iñ soñky ykbalym, ýöne
Men mawy asmana bakýaryn gamsyz.

Ýaşañ siz, adamlar,
erkana boluñ,
Mensiz bir adamlyk giñän dünýäde.
Onsoñam hiç haçan: «Bagtly bolmaga
mümkinçilik ýokdur – diýmäñ – dünýäde».

Hoşlaşyk sözleri gysga aýdylar,
Bu däbe hemişe kaýyldyr her kim.
Size gowy günler arzuw edýärin,
Çünki başga zada ýetmeýär erkim. Goşgular